# Toprak mukaddesdir

Category: Kitapcy,Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk,Ösümlik dünýäsi
написано kitapcy | 26 января, 2025
Toprak mukaddesdir TOPRAK MUKADDESDIR



Sosial-ykdysady ösüş belli bir derejede daşky sreda öz täsirini ýetirýär. Türkmenistan çig-mal resurslaryna örän baý ülkedir. Emma şol bir wagtň özünde ykdysady ösüş tebigatyň kanunalaýyklyklary esasynda planlaşdyrylmalydyr, sazlaşykly hem-de ylalaşykly ýagdaýda alnyp barylmalydyr. «Täze oba syýasaty», «Galla» maksatnamasy, Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek, Ýer eyeçiligi we ýerden peýdalanmak, Çölleşmek prosesiniñ öňüni almak, Aral ekologiki krizisiniñ çözgütleri, Hazar deňziniñ suwunyň ýokary galmagy hem de Garabogaz köl aýlagynyň problemalary, Türkmenistany, ösümlik we haýwanat dünyasini goramak, Suw resurslaryny peýdalanmak, Daş-töwerekdäki tebigaty goramak, «Suw damjasy-altyn dänesi», «Gök guşak» ýaly onlarça ylmy Konsepsiýalary tebigaty goramagyñ we

tebigy baýlyklarymyzy diňe il-halk bähbitleri üçin ulanmagyň anyk yol görkezijileridir.
Antropogen täsirler netijesinde planetamyzyň tokaýlarynyň 30 prosenti tebigy ýagdaýyny ýitirdi. 1,5 milliard adam öz durmuşynda ýangyç deregine agaçlary ulanýar. Her ýylda 30-35 million gektar ýeriň tokaýy dürli sebäplere görä ýok edilýär.
Şu ýerde ýurdumyzyň ilatyny gaz bilen üpjün etmegiň diňe bir ilatyň sosial-durmuş şertlerini gowulandyrmak bilen çäklenmän, eýsem tebigaty goramak işine-de uly goşant bolandygyny aýratyn nygtamak isleýäris. Türkmenistan doly gazlaşdyrylan ýeke-täk döwletdir. Ýurdumyzyň gazlaşdyrylmagy tokaýlaryň we çöl ösümlikleriniň odun üçin çapylmagynyň doly öňüni aldy. «Gök guşak» meýilnamasy netijesinde gözel paýtagtymyz, şäherlerdir obalarymyz hem de ilatly punktlarymyz ýaşyl guşak bilen gurşalýar, derýalaryň, suwaryş kanallarynyň we ýaplaryň kenarlary tebigy tokaýa öwrülýär.
Paýtagtymyz Aşgabadyň ilersine-dag eteğine saýaly agaçlary ekmek däbe öwrüldi. Bu örän uly işiň ýerine ýetirilmegine yzygiderli gözegçilik edilýär. Şol ýere ekilen millionlarça agaç nahallary ýaşyl keşde bolup dag baýyrlaryny bezäp, göwünleri galkyndyrýar.
Orta ululykdaky bir daragt üç adamyň bir gije-gündiziň dowamynda dem aljak kislorodyny bölüp çykarýar we sol bir wagtyň özünde 100 kilogram kömürturşy gazy sorup alýar. Ýer şarynyň tokaýlary atmosfera kislorodynyň 60 prosentini arassalap berýär. Tokaýlar arassa kislorod öndürýän tebigy zawodlardyr. Amazonka tokaýlary planetamyzyň öýkeni hasaplanýar.
Tokaýlar we tokaý zolaklary güýçli ýelleriň döremeginiň öňüni alýar. Olar tozan gatyşykly ýelleriň güýjüni 70 prosente çenli peseldip, çaň-tozanlaryň 90 prosentini özünde saklap galýar. Tokaýlar siliň hem-de güýçli suw akymlarynyň döremeginiň hom öňüni alýar. Ýagýan ýagynlar ilki agaçlara düşüp, öz güýjüni yitirýär we haýallaýar. Ýere gowy siňýär hem topragy ýuwup bilmeýär. Tokaýlar we ösümlik örtügi bolan ýerlerde gyşyna ýagan garlar haýal ereýär. Ösümlik dünýäsi tutuş tebigatda çyglylygy kadalaşdyryjy hem-de Ýeriň hasylly gatlagyny gorayjy tebigy zwenodyr. Köpetdagyň gerşindäki arça tokaýlary çapylmanka XX asyryň başlarynda Gökdepe bilen Änew aralygynda ululy-kiçili kyrka golaý dag çeşmeleriniň we akarlarynyň bolandygy hem oňa şaýatlyk edýär. Şol arça tokaýlary

çapylansoň häzirki wagtda bary-ýogy alty sany çeşme akýar.

2000-nji ýylda Hindiwar dagynda «Serdar ýoly» açyldy. Serdar ýolunda täsin dag tebigaty adam elleri bilen dörän emeli ýoly, elin ekilen agaçlar we baglar, dynç almak, oturmak we durmak, daş- töweregini synlamak üçin ýörite bejarilen ýerler, owadan yşyklandyryjylar, depämiziň täji bolan Ýaşyl Tugumyz bilen utgasyp şeýle bir ajayyp gözellik döredýär. Serdar ýoluny halk Saglyk ýoly diyip atlandyrdy. Soň şol gün Saglyk güni diýip yglan edildi. Sebäbi şu zatlaryň hemmesi «Halkyň saglygy-ýurduň baýlygy» programmasynyň bir bölejigi bolup durýar. Sagdyn adamlar ruhy taýdan güýçli bolýar. Ruhubelent adamlar kämil jemgyýeti döredýär. Kämil jemgyýet bolsa özüniň tebigatyň sosial we syýasy zwenosydygyna doly düşünýär. Serdar ýolunda Ýaşyl Tuguň aşagynda durup gözel paýtagtymyza näçe seretseň-de ýene-de seredesiň gelýär. Şäheriň täze gurulýan binalary, göni köçeleri, çar tarapa gidýän ýollar kalbyňy ganatlandyrýar, güýjüne güýç goşýar. Büzmeýin-Änew aralygy dag tebigaty, gadymy binalary, täze gurulýan desgalary, oturymly we suwarymly ýerleri, gupba ýaly obalary, Garagum derýasy, halkara aeroporty, Gurtly köli ýüregiňi joşa getirýär. Şeýle owadan hem mähriban ýer başga ýerde ýokdur, meniň ýerim-ýurdum-topragym üýtgeşikdir, ajaýypdyr diýýärsiň. Serdar ýoly ruhuňy tämizleýär. Saglyk ýoly saglygyňy dikeldýär. Serdar ýoly saglygyňy dikeldýär. Serdar ýoly tutuş kalbyňy täzeleýär.

Ykdysady garaşsyzlygy gazanjak bolsaň, ulanyşdaky ýerleriň hili üçin ýer eýeleriniň şahsy jogapkärçiligini ýokarlandyrmaly. Şondan ugur alybam, gowaça meýdanlary 630 müň gektara çenli azaldylyp, däneli ekinleriň meýdany artdyrylýar. Az ýerden köp we ýokary hilli hasyl almagyň, bir atyz yerden oba hojalyk ekinleriniň 2-3 hasylyny almagyň anyk tehnologiýasy görkezilýär. Ekin dolanyşygynda däneliileriň agdyklyk etmegi netijesinde topragyň hasyllylygynyň ýokarlanmagyna, ekin meydanlarynyň toprak-melioratiw we ekologik ýagdaýlarynyň gowulanmagyna şertler döredi hem-de gallanyň öndürilişi 1,5 million tonna ýetirildi. Ýer-suw resurslaryny goramak we tygsytly peýdalanmak netijesinde ekologik taýdan arassa önüm öndürmek her bir oba hojalyk işgäriniň, her bir daýhanyň esasy wezipesidir.

Annageldi AMANOW,

oha hojalyk ylymlarynyň kandidaty. Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk